TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
"Ylym" neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

# II BAP
# MAGTYMGULYNYŇ PAÝHAS-FILOSOFIKI WE AHLAK-EDEP GARAÝYŞLARYNYŇ TERBIÝEÇILIK ÄHMIÝETI

**Gülşat Ýusupowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň okuw işleri boýunça prorektory*

## MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ŞYGYRLARYNDA NAÝBAŞY HÄSIÝETLERIŇ ÇEPER BEÝAN EDILMEGI

Döwlet ösüşiniň strategik wezipeleriniň biri – ýokary ahlakly we bilimli ýaş nesli kemala getirmek. Bu häsiýetler biziň ata-babalarymyzyň özboluşly edep mekdebini kemala gelenligindendir. Çünki türkmen halky edep-terbiýe, saglyk meselesine hemişe çynlakaý ýapyşyp, çaga dünýä inmezinden ozal aladasyny edip başlaýar, genofondyny goramaklyga çalyşýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň «Paýhas çeşmesi» atly kitabynda-da edep-terbiýe, ahlak-ündewlerinden öň watançylyk hem gahrymançylyk ündewleri ýerleşdirilendir. Bu barada Gahryman Arkadagymyz «Watan iň beýik mukaddeslikdir» diýip belleýär [1, 17 s.]. Ahlak häsiýetleriň iň mukaddesi watansöýüjilik duýgusy, sypaýylyk, mylakatlylyk hem-de ýene ençeme ynsan durmuşyny dürli röwüşler bilen bezeýän häsiýetlerdir. Çünki Watanyňy söýmek, öz ata-eneňi söýmek, olaryň penalap ösdürip ýetişdiren balalarynyň il-halar adam bolup ýetişmekligi üçin ene aladalaryny ödemäge çalyşýan her bir nesil Magtymgulynyň goşgularyna imrinendiklerini görmek bolýar. Çünki «Adam bir ýaşar, edebi iki» [1, 54 s.] şol maşgalanyň edim-gylymlaryny, ata-babadan gelýän däp-dessurlaryny ýöredýän, edep mekdebi bolup durýar. Çagalary watansöýüjilik, ahlaklylyk, ynamlylyk ruhunda terbiýelemek işlerinde esasy borç zenanlaryň gerdenine düşýär. Şahyr zenanlaryň maşgalada, çagalary terbiýelemekde, aýratyn hem, asylly, edep-ekramly, işjeň gyzlary we mert, batyrgaý, watana wepaly, il-halkyň aladasyny edýän oglanlary kemala getirmekde uly hyzmatynyň bardygyny nygtaýar. Magtymguly zenan maşgalanyň akyllylygy, zähmetsöýerligi, salyhatlylygy, mylakatlylygy, sypaýylygy bilen görelde görkezmelidigini ündeýär.

Dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna öz saldamly goşandyny goşan Magtymguly Pyragynyň goşgulary asyrlarboýy öz gymmatyny ýitirmän, ynsan

durmuşynyň islendik tapgyrynda ýüzbe-ýüz bolýan meselelerine jogap tapan şahyrdyr. Ol türkmen halkynyň edebi dili halk medeniýetiniň ösmeginiň, hökmany şertleriniň biri hasaplapdyr hem-de bu işi ählihalk işi diýip düşünipdir. Magtymguly edebiýatynyň diliniň halka düşnükli bolmagy ugrunda göreşip, çeperçilik serişdelerini öz eserlerinde örän ýerlikli ulanypdyr. Onuň şygyrlarynda halka düşnüksiz pikirlere, arap-pars sözlerine gabat gelinýär, emma goşgular ýygyndylarynyň aglabasynda düşündirişli sözlükde görkezilýändir. Açyk, aýdyňlyk hem düşnüklilik adamyň okaýan zadyna gyzyklanmasyny artdyrýar. Bu bolsa onuň goşgularynyň höwes bilen okalmagyna sebäp bolýar. Magtymguly halkyň diline daýanmak bilen, ondan dilewarlygy we sadalygy öwrenipdir. Şahyr dili ösüş we göreş guraly hökmünde ulanypdyr. Çünki dil adamlaryň arasynda özara gatnaşyk serişdesi bolup, hyzmat edýän belli bir ses we grammatik gurluşa eýe bolan söz arkaly pikiri aňlatmagyň ulgamy bolup durýar [2, 277 s.].

Magtymguly ulaltmany, metaforalary, kapyýalary, gapma-garşylyklary, ak bilen garany, ýagşy bilen ýamany, adam bilen ynsany deňeşdirme manylary ýaly çeperçilik serişdeleriniň giňden ulanylmagy, şahyryň goşgularynyň çeperçiligini we obrazlygyny artdyrdy. Ussat bagşynyň ýerine ýetirýän sazynyň hemişe bezegi hem gymmaty bolup durýar. Magtymgulynyň haýsy goşgusyny alsaň-da, ol hemişe diýen ýaly diňe bir tema bagyşlanman, onuň içinde birnäçe mesele gozgalýar [3, 10 s.].

Watançy şahyr Magtymgulynyň gahrymançylyk, il-ýurt, agzybirlik, birleşmek hakyndaky şygyrlary onuň döredijiliginde iň görnükli orunlaryň birini eýeleýär. Bu temada Magtymguly «Türkmeniň», «Ýeli Gürgeniň», «Depe nedir, düz nedir», «Öňi-ardy bilinmez», «Döker bolduk ýaşymyz», «Gidiji bolma», «Gözlär men», «Başy gerekdir», «Mert bolmaz» ýaly birnäçe goşgulary döredipdir.

Magtymguly hakyky watançy hökmünde türkmen ýurduna, onuň gözel tebigatyna, baýlygyna, batyr ýigitlerine guwanypdyr. Şahyr «Gidiji bolma» şygrynda:

*Gel köňlüm, men saňa nesihat kylaý:*
*Watany terk edip gidiji bolma* [3, 429 s.].

– diýip, öz döwürdeşlerine ýüzlenýär. Magtymguly türkmen topragynyň, aýratyn hem, öz önüp-esen ýeri bolan Etrek, Gürgen töwerekleriniň giň, gözel we hasylly sähralaryny, daglaryny, tebigy baýlyklaryny, goç ýigitlerini taryplaýar. Şahyryň «Ýeli Gürgeniň», «Türkmeniň» şygyrlarynyň şu setirleri-de oňa güwä geçýär:

*Öňünde belent dag, serinde duman,*
*Deňizden öwüser ýeli Gürgeniň.*
*Bulut oýnap, baran dolsa çaýlara,*
*Akar boz bulanyp, sili Gürgeniň* [3, 233 s.].

ýa-da

*Dagda, düzde kowsa, saýýatlar diri,*
*Al bilmez, ýolbars ogly türkmeniň* [3, 9 s.].

Beýik şahyryň döwründe türkmen taýpalary dagynyk ýaşapdyrlar. Halk hemişe talanypdyr, ajaýyp zatlar weýran edilipdir. Magtymguly hemişe şeýle pajygaly durmuşdan gutulmagyň aladasyny edipdir. Ol keseki duşmanlardan goranmak üçin ýigitleri mertlige, gahrymanlyga, iň esasy agzybirlige çagyrypdyr:

*Ýaşy ýeten arap atyň şanynda,*
*Mälim bolmaz depe nedir, düz nedir.*
*Ýüňi ýeten goç ýigidiň ýanynda,*
*Altmyş nedir, ýetmiş nedir, ýüz nedir* [3, 9 s.].

Şahyr il-ýurt üçin hyzmat eden goç ýigitleri dabaralandyrýar, tersine, namartlary, il-ýurduna hyýanat edýänleri näletleýär. Şu jähtden şahyryň şu setirlerini ýatlamak bolar:

*Aga begler muhannesiň on müňi,*
*Mert ähliniň alty ýüzüne degmez.*
*«Är men» diýen her nöweçden är bolmaz,*
*Gaýraty, namysy, ary gerekdir* [3, 132 s.].

Magtymguly dagynyk ýaşan türkmen taýpalaryny birleşdirmek bilen ýurduň özbaşdaklygyny, halkyň asuda ýaşamagyny gazanmak bolar diýen netijä gelipdir. Bu ideýa şahyryň «Türkmeniň», «Döker bolduk ýaşymyz», «Türkmen binasy» ýaly şygyrlarynda öz beýanyny tapypdyr:

*Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,*
*Göteriler ol ykbaly türkmeniň* [3, 10 s.]..

*Teke, ýomut, ýazyr, gökleň, Ahal ili bir bolup,*
*Kylsa bir jaýa ýöriş, açylar gül lälesi* [3, 11].

Magtymgulynyň watançylyk, gahrymançylyk temada ýazan eserleri taryhy taýdan anyklygy, takyk manysy, çeper obrazlara baýlygy bilen-de tapawutlanýar. Magtymgulynyň goşgulary diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, dünýäniň islendik künjeginde meşhurlyga eýe. Sebäbi onuň ynsanperwer duýgulary, adamzat siwilizasiýasynyň öňünde durýan meseleler barada jikme-jik beýan edilýär. Dürli daşary ýurt dillerine terjime edilende diliň aýratynlygy, gurluşy bilen üýtgeşik bolanda hem many-mazmunyny okyja öz anyk mysallary bilen aýdyň beýan edilýär we onuň watansöýüjilik häsiýetiniň has agdyklyk edýändigini görmek bolýar [3].

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň ýoluny mynasyp dowam edýän hormatly Prezidentimiziň

baştutanlygynda halkymyzyň ajaýyp söz ussady Magtymguly Pyragynyň ömri-döredijiligine, edebi mirasyna uly sarpa goýulýar, onuň edebi mirasy halkymyzyň buýsanjyna öwrülýär. Beýik akyldaryň şygyrlary dünýä dillerine terjime edilýär we dünýä halklary bilen dostluk köprüsine öwrülýär.

## EDEBIÝAT


1. Paýhas çeşmesi. – A.: TDNG, 2016.
2. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. – A.: TDNG, 2016.
3. *Magtymguly*. Saýlanan eserler. – A.: Türkmenistan, 1976.
4. *Şyhnepesow A*. Magtymgulynyň älemi. – A.: TDNG, 2014.



**Maral Annagulyýewa**
*Hydyr Derýaýew adyndaky*
*Mugallymçylyk mekdebiniň direktory,*
*pedagogika ylymlarynyň kandidaty.*


# MAGTYMGULYNYŇ PÄHIMLERINDE ZÄHMET TERBIÝESINIŇ BEÝANY

Magtymgulynyň pedagogikasy giň ummandyr, ýöredilýän pikirler biri-birleri bilen zynjyr kimin sepleşip gidýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň: «Pyragynyň ajaýyp şygyrlary ähli nesiller üçin beýik taglymatdyr» diýip bellemegi beýik akyldaryň şygyrlarynyň ýaş nesli terbiýelemekde pedagogik hyzmatynyň iňňän gymmatlydygyny tassyklaýar[1, 36 s]. Magtymguly terbiýe ulgamynyň ähli taraplaryna inçelik bilen çemeleşen akyldardyr. Onuň döredijiliginde aýratyn beýan edilýän terbiýäniň görnüşi-de zähmet terbiýesi, kesp-kär, hünär öwrenmek meselesi bilen baglanyşykly.

Heniz ýaşka, çekene bakyp, çokaý, kümüş ussaçylygy bilen meşgullanan beýik şahyr zähmet çekmekligiň adamyň durmuşynda uly ornunyň bardygyna, «adamy adam edip» terbiýeläp ýetişdirýänligine göz ýetiripdir. Ol zähmetiň adam üçin suw, çörek, howa ýaly ilkinji zerur zatdygyna düşünipdir. Hut şonuň üçin hem Magtymguly medresäni gutarandan soň ýene-de ussaçylyk bilen güzeran görüpdir:

*Owwal, Magtymguly, özüň düzetgil,*
*Özüňi sen özgelere göz etgil...* [4, 384 s.]

– diýip, ýazan parasatly adam öz zähmetsöýerligi bilen-de beýlekilere görelde görkezipdir. Ol mydama fiziki zähmet bilen akyl zähmetini utgaşdyryp alyp barypdyr, ussaçylyk işinden soň her gün Gündogar edebiýatynyň ussatlarynyň eserlerini okapdyr, öz töweregindäki adamlary, olaryň durmuşyny, gylyk-hä-